#130 (152)
среда, 21 июня 2023 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# HALKYMYZYŇ BAGTYÝAR DURMUŞYNYŇ AÝDYŇ BEÝANY

**16-njy iýunda Arkadag şäherinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini geçirip, Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.**

Irden Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň binasynyň öňündäki meýdançada Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory, harby we hukuk goraýjy edaralaryň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy, Arkadag hem-de Aşgabat şäherleriniň, Ahal welaýatynyň häkimleri ýygnandylar.

Hormatly Prezidentimiziň awtoulag kerweni merkeze gelende döwlet Baştutanymyzy Hökümet agzalary mähirli garşyladylar.

Merkeziň eýwanynda ýurdumyzyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň degişli düzümlerinde, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezinde we Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetinde işlenip taýýarlanylan dürli önümleriň sergisi ýaýbaňlandyryldy.

Döwlet Baştutanymyz sergi bilen tanşyp, ýurdumyzda bar bolan çig mallardan taýýarlanylýan önümleriň, dermanlyk serişdeleriň işjeň ulanylmagy, bu ugra degişli önümçiligiň eksport mümkinçiliginiň artdyrylmagy bilen baglanyşykly meselelere möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi.

Soňra Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkeziniň maslahatlar zalynda Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisi geçirildi. Oňa ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy edaralaryň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Arkadag şäheriniň gurluşygy boýunça döwlet komitetiniň başlygy, Arkadag we Aşgabat şäherleriniň, Ahal welaýatynyň häkimleri, Mejlisiň deputatlary we ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary gatnaşdylar. Göçme mejlisiň gün tertibine halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak bilen bagly meseleler girizildi.

Hormatly Prezidentimiz mejlisi açyp, ata Watanymyzyň Garaşsyzlyk ýyllarynda durmuşyň ähli ugurlarynda örän uly üstünlikleri gazanandygyny, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegi göz öňünde tutýan giň gerimli maksatnamalaryň amala aşyrylandygyny belledi.

Arkadag şäheri iki tapgyrdan ybarat bolup durýar diýip, hormatly Prezidentimiz sözüni dowam etdi. Häzirki wagtda onuň birinji tapgyrynyň gurluşygy tamamlandy. Biz ony ýakyn günlerde dabaraly ýagdaýda açyp, ulanmaga bereris. «Akylly» şäher konsepsiýasy esasynda gurlan Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda jemi 336 döwrebap desga bina edildi. Şolaryň arasynda iki we köp gatly, jemgyýetçilik, bilim, saglygy goraýyş hem-de medeni maksatly binalar, sport desgalary, inženerçilik ulgamlary bar.

Täze Arkadag şäheri häzirki zamanyň ýaşamak we işlemek, dynç almak üçin iň amatly, kämil şäherleriň biri boldy diýip, hormatly Prezidentimiz belledi. Arkadag şäheriniň döwletimiz we halkymyz üçin örän möhüm syýasy, ykdysady, durmuş ähmiýeti bardyr. Biz häzirki zaman tehnologiýalaryndan baş çykarýan hünärmenler bilen berkarar Watanymyzy mundan beýläk-de abadanlaşdyrmagy dowam etdireris. Berkarar döwletimizde her bir günümiz taryhy wakalara we beýik özgertmelere beslenýär. Il-ýurt bähbitli işler barha rowaç alýar. Ýakyn günlerde ulanmaga beriljek Arkadag şäheri döwrebap desgalary bilen taryhymyzyň gatlaryna altyn harplarda ýazylar diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Garaşsyzlyk eýýamynyň ruhuna laýyk gelýän obalaryň, şäherçeleriň, şäherleriň düýbüni tutmak we gurmak indi asylly däbe öwrüldi diýip, döwlet Baştutanymyz dabaraly ýagdaýda Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň düýbüniň tutuljakdygyny aýtdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz ýaş nesliň wekilleriniň haýyşy boýunça ýadygärlik ýazga gol çekdi. Bu ýadygärlik ýazgysy ýörite guta salyndy.

Öňümizde Gurban baýramy hem ýetip gelýär. Şol günler üç gün läp dynç alarys hem-de şäheriň toý-dabaralaryna gatnaşarys diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy. «Bu mukaddes baýram gadymdan gelýän medeni-ruhy mirasymyzy, däp-dessurlarymyzy özünde jemleýär. Gurbanlyk günlerinde beriljek sadakalar kabul bolsun!» diýip, döwlet Baştutanymyz ýygnananlary we mähriban halkymyzy ýetip gelýän mukaddes Gurban baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Mejlis tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň düýbüni tutmak dabarasynyň geçiriljekdigini we täze şäherde ulanyljak, ekologik talaplara doly laýyk gelýän döwrebap ulaglaryň — elektrobuslaryň, elektromobilleriň, jemagat ulaglarynyň, ýöriteleşdirilen gulluk ulaglarynyň sowgat ediljekdigini belledi. «Goý, bu häzirki zaman ulaglary bagtyýar raýatlarymyzyň hemişelik hyzmatynda bolsun!» diýip, döwlet Baştutanymyz dabaraly çäreden soňra, türkmençilik däp-dessuryna eýerip, toý sadakasynyň beriljekdigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, şu günki giňişleýin göçme mejlisiň hormatly Arkadagymyzyň döreden Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň ýanynda geçirilmeginiň hem örän uly manysynyň bardygyny nygtady.

(Dowamy 2-nji sahypada).

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI GDA-NYŇ TOHUMÇYLYK MESELELERI BOÝUNÇA HÖKÜMETARA UTGAŞDYRYJY GEŇEŞINIŇ BAŞLYGYNYŇ ORUNBASARYNY KABUL ETDI

***2023-nji ýylyň 15-nji iýunynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň başlygynyň orunbasary, "Semena" assosiasiýasynyň prezidenti Iwan Kuzmini kabul etdi.***

Döwlet Baştutanymyz myhmany mübärekläp, onuň ýurdumyza şu gezekki saparynyň GDA-nyň giňişliginde oba hojalyk ulgamynda, hususan-da, tohumçylyk ýaly möhüm ugurda özara bähbitli hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak üçin täze mümkinçilikleri açjakdygyna ynam bildirdi.

Iwan Kuzmin wagt tapyp kabul edendigi üçin hormatly Prezidentimize tüýs ýürekden hoşallyk bildirip, obasenagat toplumynda düýpli özgertmeleri durmuşa geçirýän Türkmenistan bilen GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň netijeli häsiýetini nygtady. Myhman Ahal welaýatyndaky "Bugdaýly tejribe-tohumçylyk" daýhan birleşigine baryp görende bu özgertmeleriň üstünlikli amala aşyrylýandygyna göz ýetirendigini aýtdy. Häzirki wagtda tutuş ýurdumyzda bolşy ýaly, bu welaýatda hem galla oragy giňden ýaýbaňlandyryldy. 14-nji iýunda ol şol ýerde türkmen halkynyň Milli Lideri, Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen söhbetdeş boldy. Şunda ýurdumyzyň obasenagat toplumyny ösdürmekde bu ulgamda, şol sanda GDA-nyň çäklerinde netijeli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda Gahryman Arkadagymyzyň aýratyn hyzmatlary bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanyp, netijeli halkara hyzmatdaşlyk strategiýasyny durmuşa geçirýändigini we häzirki döwrüň ileri tutulýan meselelerini çözmek maksady bilen, ikitaraplaýyn görnüşde, köptaraplaýyn mehanizmleriň çäklerinde ýakyn gatnaşyklary ösdürýändigini nygtady. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki wagtda azyk howpsuzlygynyň üpjün edilmegi, obasenagat toplumynyň öndürijiliginiň ýokarlandyrylmagy we bar bolan serişdeleriň rejeli peýdalanylmagy tutuş dünýäde möhüm wezipe bolup durýar. Ýurdumyzda oba hojalygynyň ösdürilmegine uly ähmiýet berilýär, ony innowasion çözgütler we pikirler üçin açyk bolan, ýokary tehnologik pudaga öwürmäge gönükdirilen giň möçberli işler amala aşyrylýar.

Duşuşygyň dowamynda bar bolan kuwwaty we milli obasenagat toplumynyň öňünde goýlan esasy wezipeleri nazara almak bilen, hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň mümkinçilikleri barada pikir alyşyldy. Oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygyny ýokarlandyrmak, ylmy taýdan esaslandyrylan ekin dolanyşygyny ornaşdyrmak, oba hojalyk önümleriniň öndürilýän möçberini artdyrmak maksady bilen, türkmen alymlary we hünärmenleri tarapyndan degişli işler alnyp barylýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň obasenagat pudagynda giň halkara hyzmatdaşlyga we tejribe alyşmaga açykdygy nygtaldy. Munuň özi ählumumy abadançylygyň bähbitlerine laýyk gelýär.



Türkmenistanyň Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň assosirlenen agzasy bolmak bilen, onuň işine işjeň gatnaşýandygy bellenildi. GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň çäklerindäki hyzmatdaşlyk barha netijeli häsiýete eýe bolýar. Ýurdumyz seçgiçilik we toprak-howa şertlerini nazara alyp, tohumlary synag etmek ugry boýunça bilelikdäki işleri utgaşdyrmak, tohumçylyk hem-de döwletleriň arasynda ösümlikleriň tohumlaryny ibermek we getirmek ulgamynda özara peýdaly gatnaşyklary pugtalandyrmak ugrunda çykyş edip, bu netijeli hyzmatdaşlygy dowam etdirmegi maksat edinýär.

Şeýle hem hünär derejesini ýokarlandyrmak we ugurdaş işgärleri taýýarlamak boýunça yzygiderli esasda okuwlary guramak üçin uly mümkinçilikleriň bardygy bellenildi. Şunuň bilen baglylykda, GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak babatda anyk tekliplerine garamaga Türkmenistanyň taýýardygy tassyklanyldy.

Netijeli söhbetdeşlik üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirip, Iwan Kuzmin ýurdumyzda öndürilýän gallany, onuň beýleki döwletlere iberilýän möçberlerini artdyrmak üçin uly mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Söhbetdeşligiň barşynda tohumçylyk, dürli oba hojalyk ekinlerini ösdürip ýetişdirmek ulgamynda geljekki bilelikdäki işiň maksatnamasy kesgitlenildi. Şeýle-de gysga döwrüň içinde azyk howpsuzlygy meselesini üstünlikli çözen Türkmenistanyň netijeli hyzmatdaşlyk hem-de bu ulgamda birek-biregi goldamak ýörelgelerine berk ygrarlydygyny görkezýändigi nygtaldy.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we myhman ýurdumyz bilen GDA-nyň Tohumçylyk meseleleri boýunça hökümetara utgaşdyryjy geňeşiniň arasyndaky hyzmatdaşlygyň täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp, mundan beýläk-de üstünlikli ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

# HALKYMYZYŇ BAGTYÝAR DURMUŞYNYŇ AÝDYŇ BEÝANY

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

Döwlet Baştutanymyz bu gaznanyň durmuşa geçirýän işleri bilen bagly täze kitabyň neşir edilendigini belläp, şu günki dabaralardan soňra, bu neşiriň oňa gatnaşyjylaryň ählisine gowşuryljakdygyny aýtdy. Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin göçme mejlisini jemledi.

Döwlet Baştutanymyz Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň düýbüni tutmak dabarasynyň geçirilýän ýerine ugrady.

Bu ýerde ýurdumyzyň medeniýet we sungat işgärleriniň belent ruha beslenen şowhunly çykyşlary dabara özboluşly baýramçylyk öwüşginini çaýdy. Täze gurluşyklara badalga berilýän meýdançada Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we Arkadagly Serdarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirýän asylly işlerini, mähriban Watanymyzyň abadançylygyny, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny wasp edýän aýdymlar belentden ýaňlandy.

Ýaş nesliň wekilleri döwlet Baştutanymyza Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy boýunça işleriň başlanmagyna ak pata bermegi baradaky haýyş bilen ýüzlendiler.

Hormatly Prezidentimiz ýadygärlik ýazgy galdyran gutujygyny ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda bina ediljek desgalaryň biriniň düýbüne atdy. Hormatly Prezidentimiz täze guruljak binanyň binýadyna ilkinji beton garyndysyny oklap, halkymyzyň asylly däbine eýerip, bu beýik başlangyja ak pata berdi. Dabara gatnaşyjylar döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerdiler.

Şu günki ýatdan çykmajak taryhy ähmiýetli waka mynasybetli dabara gatnaşan çagalara ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

Hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň edara-kärhanalary üçin niýetlenen gulluk awtoulaglaryny, hususan-da, şäher häkimliginiň düzümlerine, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine, Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasyna, Atçylyk ylmy-önümçilik merkezine, Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkine döwrebap awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy. Şolaryň arasynda Saglygy goraýyş, Maliýe, Polisiýa, Milli howpsuzlyk ministrliginiň müdirlikleri, şeýle hem şäher prokuraturasy, migrasiýa gullugynyň müdirligi, harby wekilligi, Raýat goranyşy we halas ediş işleri müdirligi we beýleki gulluklar üçin niýetlenen döwrebap awtoulaglaryň açarlary bar.

Täze şäheriň häkimi gulluk ulaglarynyň açarlaryny uly hormat bilen kabul edip, munuň üçin hormatly Prezidentimize Arkadag şäheriniň häkimliginiň ähli işgärleriniň adyndan sagbolsun aýtdy. Öňde durýan wezipeleriň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ugrunda degişli düzümler bilen sazlaşykly işiň üpjün ediljekdigine ynandyrdy.

Bilim, saglygy goraýyş we jemgyýetçilik edaralaryna niýetlenen ulag serişdeleriniň, hususan-da, ýeňil awtoulaglaryň we kiçi görnüşli awtobuslaryň, şol sanda işgärleri, mümkinçiligi çäkli çagalary gatnatmak üçin niýetlenen awtoulaglaryň açarlary berildi.

Medeniýet ulgamynyň ýolbaşçylary we işgärleri üçin ýokary halkara ülňülere laýyk gelýän awtoulaglaryň açarlary gowşuryldy. Döwrebap awtoulaglaryň birnäçesi obasenagat toplumynyň edaralary üçin niýetlenendir. Şolaryň hatarynda işgärleri gatnatmak, at daşamak üçin niýetlenen ýörite ulaglar, suw daşaýjy, suwaryjy we ýuwujy, ýük ulaglary bar. Şeýle hem energetika we gurluşyk toplumy üçin döwrebap awtoulaglary görkezip bolar.

Söwda ulgamynyň düzümleýin edarasyna berlen awtoulaglaryň hatarynda çörek we konditer önümlerini daşamak üçin niýetlenen, sowadyjy enjamlar bilen üpjün edilen ulaglar bar. Nebitgaz toplumynyň edaralary hem täze awtoulaglaryň açarlaryny aldylar.

Arkadag şäheriniň ulag we kommunikasiýa toplumynyň guramalaryna hem soňky ýyllarda bu ulgamda gazanylýan täze üstünlikleriň şanyna awtoulaglar sowgat berildi. Şeýle hem täze şäheriň maliýe-ykdysady ulgamlarynyň edaralaryna döwrebap awtomobilleriň ençemesiniň, şol sanda inkasator ulaglarynyň açarlary gowşuryldy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezine berlen tiz lukmançylyk kömegi üçin niýetlenen awtoulaglaryň enjamlaşdyrylyşynyň ýokary halkara ülňülere doly laýyk gelýändigini bellemeli.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna ýöriteleşdirilen «Tiz kömek» ulaglarynyň 6-syny sowgat berdi.

Arkadag şäheriniň harby we hukuk goraýjy edaralaryna berlen awtoulaglaryň bir böleginiň ýol gözegçiligi gullugy üçin niýetlenen elektromobillerdigini bellemek gerek. Ýokary halkara standartlara laýyklykda enjamlaşdyrylan awtoulaglaryň birnäçesiniň açarlary Ýangyna garşy göreş gullugyna gowşuryldy.

Hormatly Prezidentimiz Arkadag şäheriniň ähli gulluklarynyň ýolbaşçylaryny gutlap, olara alyp barýan işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi.

Şol pursatda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow dikuçarda paýtagtymyzyň töwereklerine we Arkadag şäherine iş saparyny amala aşyryp, täze şäheriň çäklerinde alnyp barylýan işleri synlady.

Soňra toý sadakasy berildi. Oňa gatnaşyjylar Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Serdarymyza mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşy hakynda edýän aladasy üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler. Toý sadakasynda okalan aýat-töwirlerde Beýik Biribardan ýurdumyzyň abadançylygy, halkymyzyň bagtyýar durmuşynyň üpjün edilmegi ugrunda yzygiderli tagalla edýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, tutumly işleriniň mundan beýläk-de rowaç bolmagy dileg edildi.

Toý sadakasy tamamlanandan soň, hormatly Prezidentimiz ýygnananlar bilen mähirli hoşlaşyp, bu ýerden ugrady. Şu çärelere gatnaşanlaryň ählisine «Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasy» atly kitap sowgat berildi.

# Президент Туркменистана принял Чрезвычайного и Полномочного Посла Французской Республики

***19 июня 2023 года Президент Сердар Бердымухамедов принял вновь назначенного Чрезвычайного и Полномочного Посла Французской Республики в Туркменистане Филиппа Мерлена.***

Выразив признательность за уделённое для встречи время, дипломат передал главе Туркменистана тёплые слова приветствия от Президента Франции Эммануэля Макрона, адресовавшего пожелания счастья, процветания и благоденствия туркменскому народу.



Тепло поприветствовав полномочного представителя дружественной страны на древней и гостеприимной туркменской земле, Президент Сердар Бердымухамедов искренне поздравил его с назначением на ответственный дипломатический пост и пожелал больших успехов в работе по дальнейшему развитию и укреплению двусторонних плодотворных отношений.

Передавая ответные наилучшие пожелания высшему руководству Франции, которая является одним из важных партнёров нашей страны в Европейском регионе, глава государства подчеркнул, что межгосударственное сотрудничество постоянно расширяется на основе взаимного уважения, дружбы и понимания.

С удовлетворением констатируя позитивный характер политико-дипломатических отношений между двумя странами, Президент Сердар Бердымухамедов отметил их успешное взаимодействие как в двустороннем, так и в многостороннем форматах. Об этом ярко свидетельствует обоюдная поддержка международных инициатив, выдвигаемых в рамках крупных авторитетных международных организаций, в частности, ООН и её структурных подразделений.

Касаясь темы торгово-экономического сотрудничества между Туркменистаном и Францией, глава государства отметил особый вклад французских компаний в развитие ряда отраслей национальной экономики на протяжении многих лет. Так, партнёрство успешно расширяется в строительной, нефтегазовой и коммуникационной сферах.

В Туркменистане приняты программы реформирования, индустриализации и диверсификации народного хозяйства, и в этой области осуществляется широкомасштабное международное сотрудничество.

В числе перспективных направлений взаимодействия были названы сфера информационных технологий, нефтегазовая, химическая, пищевая промышленность и др. В данной связи отмечена важная роль Межправительственной туркмено-французской комиссии по экономическому сотрудничеству.

Значимое место в укреплении межгосударственных отношений, сближении народов и во взаимообогащении культур, по общему мнению, занимает сотрудничество в гуманитарном направлении.

Ещё раз поздравив Филиппа Мерлена с началом работы в нашей стране, Президент Сердар Бердымухамедов выразил твёрдую уверенность в том, что дипломат приложит все усилия для развития отношений между Туркменистаном и Французской Республикой и отметил готовность туркменской стороны оказать в этом необходимую помощь и поддержку.

Поблагодарив за добрые пожелания, Чрезвычайный и Полномочный Посол Французской Республики в Туркменистане заверил главу государства, что, со своей стороны, будет содействовать дальнейшему упрочению двусторонних отношений и продолжит курс на расширение конструктивного, взаимовыгодного сотрудничества, отвечающего интересам двух стран и их дружественных народов.

# *Expansion issues discussed cooperation with UNOPS*

On June 19, 2023, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan R.Meredov held talks with the Director of the UN Multi-Country Office for Project Services (UNOPS) in Austria, Freya von Groote.



During the meeting, the current state and prospects for further development of cooperation between Turkmenistan and the UN were discussed. In this context, the parties expressed a common opinion on the high level of interaction on the widest range of issues on the international agenda.

It was emphasized that, within the framework of its mandate, UNOPS implements joint work with the Government of Turkmenistan and the UN system in terms of improving the efficiency of activities in the field of servicing international projects.

In this context, R.Meredov noted the role of UNOPS in assisting the Government of Turkmenistan to accelerate the implementation of programs and projects in the framework of the implementation of national development goals and identify areas of cooperation.

Priority areas of interaction are projects in the field of healthcare, infrastructure, agriculture, energy, green and digital transition, environmental protection and climate change.

The parties exchanged views on the issues of improving the professional training of national personnel.

Интернет газета
Международные новости

## О телефонном разговоре глав внешнеполитических ведомств Туркменистана и Израиля



*20 июня 2023 года, состоялся телефонный разговор между министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым и министром иностранных дел Государства Израиль Эли Коэном, в ходе которого был рассмотрен ряд вопросов двустороннего сотрудничества.*

*В частности, стороны обсудили расширение торгово-экономических отношений посредством установления прямых контактов между бизнес-сообществами двух стран.*

*С туркменской стороны было отмечено активное взаимодействие на многосторонних площадках, прежде всего, в рамках ООН и других авторитетных международных организаций.*

*Телефонный разговор состоялся по инициативе израильской стороны.*

## ДЕЛЕГАЦИЯ ТУРКМЕНИСТАНА ПРИНИМАЕТ УЧАСТИЕ В НЕДЕЛЕ ВЫСОКОГО УРОВНЯ ПО БОРЬБЕ С ТЕРРОРИЗМОМ В ШТАБ-КВАРТИРЕ ООН

Делегация Туркменистана во главе с заместителем министра иностранных дел Туркменистана Вепа Хаджиевым участвует 19-20 июня 2023 года в мероприятиях в рамках Недели высокого уровня по борьбе с терроризмом в Нью-Йорке.

19 июня руководитель делегации выступил на второй сессии основного мероприятия - Совещания глав контртеррористических ведомств стран-членов ООН.

В своём выступлении В.Хаджиев отметил необходимость укрепления механизма обновлённого Плана действий по реализации Глобальной контртеррористической стратегии в Центральной Азии и продолжения усилий стран-региона в рамках Душанбинского процесса.



На национальном уровне Туркменистан продолжает претворять в жизнь Национальную стратегию и План действий по предупреждению насильственного экстремизма и противодействию терроризму.

В рамках визита заместитель министра провёл двусторонние встречи с Заместителем Генерального секретаря ООН, главой Контртеррористического управления Владимиром Воронковым, а также Помощником Генерального секретаря и Исполнительным директором Исполнительного директората Контртеррористического комитета ООН (ИДКТК) Натальей Герман.

В ходе встречи с В.Воронковым были обсуждены вопросы взаимодействия Туркменистана и ООН по реализации Глобальной контртеррористической стратегии ООН. В частности, был затронут комплекс вопросов, связанных с развитием многостороннего партнёрства между государствами-членами Организации, направленного на создание действенных механизмов, позволяющих обеспечивать эффективное выполнение обязательств в области борьбы с международным терроризмом, экстремизмом и другими угрозами.

Особое внимание стороны обратили на имплементацию Регионального плана действий для Центральной Азии по выполнению Глобальной контртеррористической стратегии ООН.

Также были рассмотрены вопросы укрепления международно-правового сотрудничества, имплементации международной нормативно-правовой базы по борьбе с терроризмом.

В.Хаджиев в ходе беседы с Н.Герман сообщил об усилиях, предпринимаемых Туркменистаном в борьбе с терроризмом и содействии региональной стабильности, и выразил готовность страны продолжать тесное сотрудничество с ООН и её партнёрами для решения актуальных транснациональных проблем.

В свою очередь, Н.Герман высоко оценила приверженность Туркменистана региональному миру и безопасности и выразила признательность за вклад Туркменистана в укрепление взаимодействия с подразделениями ООН по борьбе с терроризмом.

В частности, были обсуждены возможности для организации визита миссии КТК в Туркменистан в 2024 году. Участие туркменской делегации на высоком уровне в подобных мероприятиях подчёркивает твёрдую приверженность Туркменистана борьбе с терроризмом и обеспечению региональной и глобальной безопасности.

## ПОЗДРАВЛЕНИЯ

### *Президент Туркменистана направил поздравительное послание Председателю Китайской Народной Республики*

*Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину по случаю его 70-летнего юбилея.*

*«Под Вашим мудрым руководством Китайская Народная Республика добилась огромных успехов в социально-экономическом развитии и в настоящее время уверенно движется вперёд по пути построения модернизированного социалистического государства», – отметил в своём послании глава Туркменского государства.*

*Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов адресовал Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину пожелания крепкого здоровья, счастья и новых успехов в реализации грандиозных планов и инициатив, а дружественному китайскому народу – мира, благополучия и процветания.*

### *Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана поздравил Председателя Китайской Народной Республики*

*Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк -Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления Председателю Китайской Народной Республики Си Цзиньпину по случаю его 70-летнего юбилея.*

*«В последнее десятилетие под Вашим руководством Китайская Народная Республика добилась впечатляющих успехов на пути построения модернизированного социалистического государства. Мы высоко ценим Ваш личный вклад в укрепление отношений дружбы и сотрудничества между Туркменистаном и Китаем. Глубоко убеждён, что стратегическое партнёрство между нашими странами, основанное на принципах взаимного уважения, доверия и равноправия, будет и далее успешно развиваться на благо наших народов, в интересах всеобщего мира и устойчивого развития», – отметил в своём послании Герой-Аркадаг.*

*Пользуясь случаем, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Гурбангулы Бердымухамедов выразил Председателю Си Цзиньпину пожелания крепкого здоровья, долгих лет жизни и новых успехов на высшем государственном посту, а дружественному народу Китая – мира, благополучия и процветания.*

### *Президент Туркменистана поздравил Президента Республики Исландия*

*Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Республики Исландия Гвюдни Йоуханнессону и всему народу страны по случаю национального праздника – Дня провозглашения Республики.*

*Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Гвюдни Йоуханнессону искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а дружественному народу Республики Исландия – мира, прогресса и процветания.*

### *Президент Туркменистана поздравил Короля Соединённого Королевства Великобритании и Северной Ирландии*

*Президент Сердар Бердымухамедов направил тёплые поздравления и наилучшие пожелания Королю Соединённого Королевства Великобритании и Северной Ирландии Его Величеству Карлу III по случаю его официального дня рождения.*

*«Мы придаём большое значение дружественным отношениям, установившимся между Туркменистаном и Соединённым Королевством Великобритании и Северной Ирландии. Уверены, что дружеские отношения и эффективное сотрудничество между нашими странами будут и впредь развиваться и укрепляться по широкому спектру направлений», – подчеркнул в своём послании глава государства.*

*Пользуюсь случаем, Президент Туркменистана адресовал Его Величеству Карлу III пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Соединённого Королевства – мира, прогресса и процветания.*

### *Президент Сердар Бердымухамедов поздравил Героя Туркменистана Олега Кононенко с днём рождения*

*Президент Сердар Бердымухамедов поздравил Героя Туркменистана, инструктора-космонавта-испытателя, командира отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олега Кононенко с днём рождения.*

*Пользуясь возможностью, глава государства пожелал ему крепкого здоровья, долгих лет жизни и семейного благополучия, а также больших успехов в профессиональной деятельности во благо прогресса всего человечества.*

### *Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана поздравил Олега Кононенко*

*Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов поздравил Героя Туркменистана, инструктора-космонавта-испытателя, командира отряда космонавтов Государственной корпорации по космической деятельности «Роскосмос» Олега Кононенко с днём рождения.*

*Пользуясь случаем, Председатель Халк Маслахаты от всей души пожелал ему крепкого здоровья, долгих лет жизни и счастья, а также больших успехов в работе по освоению космоса.*

Интернет газета
Международные новости

## Multifaceted cooperation with the European Parliament was discussed at the MFA of Turkmenistan

On June 19, 2023, Deputy Minister of Foreign Affairs M.Byashimova held a meeting with the delegation of the European Parliament, which arrived on a visit to Turkmenistan.

During the talks, a review of cooperation between Turkmenistan and the European Union was carried out, issues of further development of relations between Turkmenistan and the European Union both bilaterally and within the framework of the “Central Asia-European Union” format were discussed.



The Turkmen side emphasized the effective political and diplomatic cooperation between Turkmenistan and the European Union in a wide range of areas. Particular importance was given to regular meetings of the joint committee "Turkmenistan-EU", Inter-Parliamentary dialogue, Dialogue on human rights. Apart from that, the importance of the EU Culture Week in Turkmenistan, the conference on cooperation in the field of education, as well as the forum on "green" energy, held last year in Ashgabat, was noted.

The parties noted the intensification of partnership in the framework of the "Central Asia-European Union" format, within the framework of which meetings are regularly held at the level of foreign ministers, meetings in frames of the High-Level Political and Security Dialogue between the EU and the countries of Central Asia, and economic forums.

While exchanging the views on international and regional issues, the delegation of the European Parliament emphasized the importance of international humanitarian initiatives of Turkmenistan aimed at ensuring peace and sustainable development, including the efforts of our country in the process of resolving the situation and restoring peace in Afghanistan.

During the meeting, wide opportunities for cooperation in the field of education, digitalization, energy, transport, ecology, water resources and environmental protection were identified.

In addition, the delegates of the European Parliament highlighted the development of gender equality, the growing role of women and youth in the political life of Turkmenistan.

## Joint Communique on the establishment of diplomatic relations between Trinidad and Tobago

On June 21, 2023, the signing ceremony of the Joint Communiqué took place at the office of the Permanent Mission of Turkmenistan to the United Nations in New York, marking the establishment of diplomatic relations between Turkmenistan and the Republic of Trinidad and Tobago.



Prior to the signing ceremony, constructive discussion was held between the Permanent Representative of Turkmenistan to the UN, Ambassador Aksoltan Ataeva, and the Permanent Representative of the Republic of Trinidad and Tobago to the UN, Mr. Dennis Francis. Ambassadors reiterated their strong commitment to enhancing friendly relations and fostering bilateral cooperation in the political, economic, and cultural spheres, as well as collaboration within international organizations, in particular the United Nations.

Extensive discussions were held on the potential for cooperation at both the bilateral and multilateral levels. The representatives also delved into issues of mutual interest on the UN agenda, such as preventive diplomacy, dialogue, peace, and security.

During the meeting, Ambassador A.Ataeva extended her heartfelt congratulations to Ambassador D.Francis on his election as the President of the upcoming 78th session of the UN General Assembly. She emphasized that Turkmenistan's priorities align closely with those of Ambassador Francis and expressed full support and readiness to provide any necessary assistance to facilitate their implementation.

In response, D.Francis congratulated the Government and people of Turkmenistan on the establishment of diplomatic relations with Trinidad and Tobago. He acknowledged that this significant milestone will further strengthen and invigorate long-term cooperation between the two nations at an elevated level.

This signing ceremony signifies a momentous step forward in the diplomatic ties between Turkmenistan and the Republic of Trinidad and Tobago, paving the way for a prosperous and mutually beneficial relationship.

## Конференции по вопросам рационального использования водных ресурсов

20 июня 2023 года в Ашхабаде в гибридном режиме состоялась конференция «Финансовая и инвестиционная поддержка мероприятий по рациональному использованию водных ресурсов».

В работе форума приняли участие заместители руководителей соответствующих ведомств Туркменистана, Таджикистана, Узбекистана, Постоянный координатор ООН в Туркменистане, директор Австрийского многострановогo офиса-офиса ООН по обслуживанию проектов, Координатор национальных диалогов по водным ресурсам ЕЭК ООН, Председатель Исполкома Международного Фонда спасения Арала, директор Научно-информационного центра Межгосударственной координационной водохозяйственной комиссии, исполнительный директор Регионального экологического центра Центральной Азии, директор Научно-информационного центра Межгосударственной Комиссии по устойчивому развитию, представители Германского общества по сотрудничеству (GIZ), учёные и специалисты в области водных ресурсов и изменения климата.




В рамках конференции участники мероприятия обменялись мнениями по проблемам рационального использования водных ресурсов, в том числе, обсудили вопросы финансирования водного сектора Центральной Азии с целью эффективного водопользования в контексте изменения климата, инвестиционной поддержки координации взаимодействия по воде и энергетике в регионе, а также экологические, социальные и экономические аспекты интегрированного управления водными ресурсами.

Отдельное внимание было уделено вопросам регионального сотрудничества для выполнения резолюции ЭСКАТО «Рассмотрение условий создания специальной программы Организации Объединенных Наций для бассейна Аральского моря», а также взаимодействию стран в области сотрудничества по адаптации к изменению климата в Центральной Азии, в том числе, по подготовке совместной стратегии по управлению водными ресурсами с учётом климатических факторов.

Внедрение методов рационального использования водных ресурсов и всесторонний анализ для определения их правильного приложения с целью обеспечения растущих потребностей в водных ресурсах, в особенности, в условиях изменения климата, является одной из актуальных проблем для региона Центральной Азии. В этом контексте, нынешняя конференция стала первым шагом к возможности налаживания обмена опытом и знаниями на региональной основе, а также послужила платформой для выработки общих мнений по широкому спектру вопросов финансирования мероприятий, направленных на рациональное водопользование.

В результате обсуждений рассмотрены возможности финансирования целевых проектов и программ в области эффективного водопользования.

По результатам конференции принято Итоговое коммюнике.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Посол Туркменистана в Японии встретился с Министром цифровых дел Японии***

16 июня 2023 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Японии А.Байрамова с Министром цифровых дел Японии Таро Коно.

На встрече были обсуждены перспективные направления сотрудничества для развития двусторонних отношений между Туркменистаном и Японией в сфере цифровизации.

Стороны отметили важность развития цифровизации в современном мире и её значимую роль в повышении диверсификации и эффективности экономики, улучшения государственных услуг и укрепления международного сотрудничества.

***В Кыргызстане состоялся очередной показ спектакля «Pyragy»***

15 июня 2023 года в Баткенском областном музыкально-драматическом театре имени А.Жайнакова состоялся очередной показ спектакля «Pyragy», посвященного 300-летию со дня рождения Махтумкули Фраги.

Первый заместитель министра культуры, информации, спорта и молодежной политики Кыргызской Республики К.Иманалиев высоко оценил постановку спектакля, работу артистов и режиссера и поблагодарил их за большую работу по знакомству кыргызского зрителя с творчеством великого туркменского поэта Махтумкули Фраги.

***Предприниматели и бизнесмены Туркменистана посетили с визитом Иран***

17 июня 2023 года в Мешхеде (провинция Хорасан-Резави) состоялась конференция на тему «Экспортные и торговые возможности Исламской Республики Иран и Туркменистана».

В мероприятии приняли участие делегации Торгово-промышленной палаты Туркменистана и Союза промышленников и предпринимателей Туркменистана, руководители и представители провинции Хорасан-Резави, Управления торговли, промышленности, горнодобывающей промышленности и сельского хозяйства провинции, Совместной ирано-туркменской торговой палаты, управления промышленности, горнодобывающей промышленности и торговли провинции, иранские бизнесмены, а также посол Ирана в Туркменистане.

Участники конференции обсудили вопросы торгово-экономических связей между Туркменистаном и Ираном, обменялись мнениями по направлениям, связанным с дальнейшим развитием этих отношений, о возможностях в сфере предпринимательства и торговли.

***Посол Туркменистана в Великобритании встретился с Министром по делам Европы Соединенного Королевства***

20 июня 2023 года состоялась встреча Посла Туркменистана в Соединенном Королевстве Великобритании и Северной Ирландии Я.Серяева с Министром по делам Европы Соединенного Королевства Лео Дочерти.

В ходе встречи были обсуждены вопросы межпарламентского, торгово-экономического, гуманитарного сотрудничества и другие перспективные направления взаимодействия между Туркменистаном и Великобританией.

Кроме того, на встрече было подчеркнуто об имеющихся широких возможностях для развития долгосрочного и взаимовыгодного сотрудничества по различным направлениям между двумя странами.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***